# Nälerkerde / ajy hekaýat

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Nälerkerde / ajy hekaýat NÄLETKERDE




– Salawmäleýkim, Dursun eje, hal-ýagdaýyň oňatmy? Sümegiňi süýräp ýörmüň?
– Hudaya şükür, ganymatdyryn.
– Kakabaýam gurgunmy? Ol-a indi zybyk jahyldyr. Senem ekläp, saklap, maňlaýyňdan direýändir?
– Kakabaýam zybyk jahylmy ýa-da biderek çybykmy, bilýän däldirin. Ýeke dikrarym diýip guwanardym. Emma ähli guwanjym puç boldy. Maňlaýymdan direme nirede, zat nirede. Ol hiç yerde

işlemän, «Ýatana berseň maňa ber» diýip, söteň-söteň syryp ýör. Onuň üstesine-de agzy ýaman otda. Girre diýýämi, kürre diýýämi, bir bela-ha uçrapdyr. Işi-pişesi göreni çürkäp, ogurlyk edip ýörmek.
– Maşgalasy barmy?
– Wah, bar-la. Geçen ýyl üzümiň suwy ýaly gyza öýlendirdim. Gelin hözirini görüp, agtyklaryma guwanjakdym. Arman, ähli arzuwlarym puja çykyp, gury hyýal boldy. Ol gelin hem bu ýagdaýa çydaman, goş-golamyny göterip gitdi.
– Şeý diýsene, ol-a bolmandyr. Men-ä Kakabaý seniň maňlaýyňdan diräp, arkaňa ýel çaldyrandyr öýdüp begenip ýördüm.
– Aý, begenere zat ýokdur, Sähet jan. Ol käwagt öýe gelse-de, azar baryny berýär. Gözi pensiýa pulumda. «Mamaş, dawaý gaşansana» diýip, agzyny köpürjikledip, pyçagy böwrüme direýär-de: «Pahmellik pul tap. Ýogsa-da işiň pyrryk» diýýär. Menem: «Pyçagyňy aýyr, il görse näme diýer» diýsem: «Gepiňi köpeltme-de, maňa bir çüýşe arak bilen bir gap çilimiň puluny tapyp ber. Ýogsa-da gitdiň» diýip, köçede masgara bolup, haýbat atyp durka, bir dayaw yigit Kakabaýyň goluna bat bilen kakdy welin, onuň elindäki pyçak gapdala zyňlyp gitdi.
Dursun eje bu bolşa gynanjagyny-da, begenjegini-de bilmän, doňup galdy. Polisiýa işgäri gaharlanyp:
– Haý, haramzada, garry eneňe pyçak çenemäge utanaňokmy? Ol seniň käbäň ahyry. Beýdip ýaşanyňdan-a öleniňem gowudyr. Senem il ýaly zähmet çekip, halal gazanç edip eklen. Hany, öňüme düş. Garry ene, sen rahatlan, hemmesi düzeler – diýip, ol Kakabaýy öňüne salyp alyp gitdi.
Dursun eje gyňajynyň ujuna gözüni süpürip: «Jähenneme git, näletkerde. Seni beren ak süýdüm tutsun…» diýesi geldi, emma öz bagryndan önene beýle gargyş edip bilmän, gözüni ýaşlady. Ene-dä, nätsin…
Meretdurdy TEMMIMOW. Hekaýalar